**DÖWLET STATISTIK HASABATLYLYGY**

**HASABAT "STATISTIKA HAKYNDA" TÜRKMENISTANYŇ KANUNYNYŇ 22-NJI MADDASYNYŇ IKINJI BENDINE LAÝYKLYKDA TABŞYRYLÝAR**

"Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykdailkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik habarlary emele getirmek üçin peýdalanylýar

| |
|---|
| Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda döwlet statistik hasabatlaryny bermek möhletleriniň bozulmagy, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir |

| | |
|---|---|
| **Forma № 3-ng** **HRBNGU** **0601376**<br><br>**DAŞARY ÝURT KOMPANIÝALARY TARAPYNDAN ÇYKARYLAN NEBITIŇ WE GAZYŇ BÖLÜNIŞI BARADA HASABAT**<br><br>**20____ ýyl boýunça** | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2022-nji ýylyň 22-nji iýunyndaky № 44 buýrugy bilen tassyklanyldy<br><br>**Ýyllyk**<br><br>**Tabşyrýar:**<br><br>"Türkmennebit" döwlet konserni, "Türkmengaz" döwlet konserni iýunyň 15-ine çenli Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine. |

Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady________________________________________

Poçta salgysy ________________________________________

(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks, E-mail)

HSUK boýunça kod | | | | | | | | |

HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |

| Görkezijileriň atlary | Ölçeg birligi | Setiriň № | Jemi gazylyp çykarylyşy | şondan Türkmenistanyň paýy | Ýylyň başyna galyndy | Öz zerurlyklaryna harçlanany | Önümiň beýleki görnüşlerini öndürmek üçin harçlanany | Ýurdyň içindäki beýleki kärhanalara goýberileni | Eksporta goýberileni | Ýitgiler | Alawda ýakylany we atmosfera goýberileni | Ýylyň ahyryna galyndy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | B | Ç | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| **Nebit, gaz kondensatyny goşmak bilen** | **t** | **010** | | | | | X | | | | X | |
| şol sanda kompaniýalar boýunça: | t | 011 | | | | | X | | | | X | |
| | t | 012 | | | | | X | | | | X | |
| | t | 013 | | | | | X | | | | X | |
| **Ugurdaş gaz** | **mln. $m^3$** | **020** | | | X | | | | | | | X |
| şol sanda kompaniýalar boýunça: | mln. $m^3$ | 021 | | | X | | | | | | | X |
| | mln. $m^3$ | 022 | | | X | | | | | | | X |
| | mln. $m^3$ | 023 | | | X | | | | | | | X |
| **Tebigy gaz** | **mln. $m^3$** | **030** | | | X | | | | | | | X |
| şol sanda kompaniýalar boýunça: | mln. $m^3$ | 031 | | | X | | | | | | | X |
| | mln. $m^3$ | 032 | | | X | | | | | | | X |
| | mln. $m^3$ | 033 | | | X | | | | | | | X |

Ýolbaşçy ________________________ ________________
(F.A.A.) (goly)

Ýerine ýetiriji ________________ ________________________ ____________
(wezipesi) (F.A.A.) (goly)

"____" __________________20__ ýyl
(hasabatyň doldurylan senesi)

________________ "____" ___________________20__ ýyl
(habarlaşmak üçin telefon belgisi) (hasabatyň statistika edarasyna tabşyrylan senesi, statistika edaralary tarapyndan doldurylýar)

**Gysgaça görkezmeler**

Döwlet statistik hasabatlylygyň № 3-ng formasynda Türkmenistanyň çäginde nebitiň we gazyň gazylyp çykarylyşyny amala aşyrýan daşary ýurt kompaniýalary boýunça nebitiň we gazyň gazylyp çykarylan we eksporta iberilen möçberi barada maglumatlar görkezilýär.

Boş setirlerde A sütünde görkezilmedik kompaniýalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

1 sütünde nebitiň, ugurdaş we tebigy gazyň gazylyp çykarylan hakyky möçberleri görkezilýär. Nebitiň hakyky gazylyp çykarylan möçberine akdyrylan suwy we hapalary, şeýle hem nebitde bölüniş ýagdaýda laboratoriýanyň derňewiniň (seljermesiniň) netijesinde kesgitlenen, bellenen kada laýyklykda belli bir möçberde aýrylýan suwy, duzy we mehaniki garyndylary aýyrmak bilen, arassa nebit goşulýar. Gazylyp çykarylan nebitiň jemine gaz kondensaty goşulýar. Ugurdaş gazyň möçberine nebit guýularyndan nebit bilen bilelikde çykarylan gaz goşulýar. Tebigy gaza gaz, gaz-nebit we gaz kondensaty ýataklarynyň diňe arassa gaz guýularyndan çykarylan gaz degişlidir. Gazylyp çykarylan tebigy gazyň möçberine gazy gaýtadan işleýän kärhanalarda ulanylan gazy hem goşmak gerek.

2 sütünde Önümi paýlaşmak hakyndaky şertnama laýyklykda, gazylyp çykarylan nebitiň we gazyň, şeýle hem eksporta iberilen tebigy gazyň möçberindäki Türkmenistanyň paýy görkezilýär.

3 we 10 sütünlerde ýylyň başyna we ýylyň ahyryna nebitiň galyndysy görkezilýär.

4 sütünde desgalary we enjamlary dolandyrmak üçin harçlanan nebitiň, ugurdaş we tebigy gazyň möçberi görkezilýär.

5 sütünde tebigy we ugurdaş gazyň harytlyk görnüşine getirmek üçin arassalamagyň netijesinde alynýan önüm (kondensat, kükürt we beýleki önümler) üçin harçlanan möçberi görkezilýär.

6 sütünde hasabat ýylynda ýurdyň içindäki beýleki kärhanalara we guramalara goýberilen nebitiň we gazyň mukdary görkezilýär.

7 sütünde eksporta goýberilen nebitiň we gazyň mukdary görkezilýär.

8 sütünde nebitiň taýýarlamakdaky, gazyň – arassalamakdaky we guratmakdaky ýitgileri, şeýle hem saklamakdaky we daşamakdaky nebitiň we gazyň delilnama bilen resmileşdirilen ýitgileriniň hemme görnüşleri görkezilýär.

9 sütünde ugurdaş we tebigy gazyň alawda ýakylan we atmosfera goýberilen möçberleri görkezilýär.